# Şaja Batyrow aradan çykdy…

Category: Kitapcy,Taryhda şu gün
написано kitapcy | 25 января, 2025
Şaja Batyrow aradan çykdy… AKADEMIK ŞAJA BATYROWIÇ BATYROW



- **1965-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda**

Türkmenistan SSR Ylymlar akademiýasynyň prezidenti ýoldaş Şaja Batyrowiç Batyrow 1965-nji ýylyň 14-nji oktýabrynda tarpa-taýyn aradan çykdy.

Lenin partiýasynyň wepaly ogly, görnükli alym we jemgyýetçilik işgäri, Türkmenistan KP MK-nyň çleni, Türkmenistan SSR Ýokary Sowetiniň deputaty we TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň çleni döredijilik güýçleriniň gülläp ösýän mahalynda aradan çykdy.

Ýoldaş Ş.B.Batyrow 1908-nji ýylda Türkmenistan SSR-niň Bäherden raýonynyň Deşt obasynda eneden boldy. Ol düşünjeli bütin ömrüni halka hyzmat etmäge, kommunistik gurluşygyň beýik işine bagyşlady.

Ýoldaş Ş.B.Batyrow zähmet çekmäge ýaşlygyndan daýhanyň maşgalasynda başlady. Ol düşünjeli bütin ömrüni halka hyzmat etmäge, kommunistik gurluşygyň beýik işine bagyşlady.

Ýoldaş Ş.B.Batyrow zähmet çekmäge ýaşlygyndan daýhanyň maşgalasynda başlady. Ýoldaş Ş.B.Batyrow 1926-njy ýylda pedagogik kursy gutarandan soň, 1936-njy ýyla çenli pedagogik işde işleýär. Ol 1936-njy ýyldan 1939-njy ýyla çenli «Sowet Türkmenistany» gazetinde ilki bölüm müdiri bolup, soňra bolsa gazetiň redaktory bolup işleýär. Ýoldaş Batyrow 1939-njy ýyldan 1942-nji ýyla çenli Ylmy-barlag dil we edebiýat institutynyň direktory bolup, soňra hem TSSR Ministrler Sowetiniň garamagyndaky sungat işleri uprawleniýäniň naçalnigi bolup işleýär. Ýoldaş Ş.B.Batyrow 1942-nji ýylda Türkmenistan KP MK-nyň propoganda boýunça sekretary wezipesine, 1946-njy ýylda MK-nyň ikinji sekretary wezipesine we 1947-nji ýylda Türkmenistan KP MK-nyň birinji sekretary wezipesine saýlanylýar. Ýoldaş Ş.B.Batyrow Türkmenistan Kompartiýasynyň MK-nyň birinji sekretary wezipesinde 1951-nji ýyla çenli işleýär.

Ýoldaş Batyrow 1951-nji ýyldan 1954-nji ýyla çenli Moskwa şäherinde okaýar. Ol SSKP MK-nyň ýanyndaky Jemgyýetçilik ylymlary akademiýasyny gutarandan soň, 1954-nji ýyldan 1959-njy ýyla çenli çenli Çärjew pedagogik institutynyň direktory bolup işleýär.

Ýoldaş Batyrow 1959-njy ýylda Türkmenistan SSR Ylymlar akademiýasynyň prezidentligine saýlanylýar. Ýoldaş Batyrow şu jogapkärli wezipede bolanda ylmy ösdürmek, ylmy kadrlary taýýarlamak we terbiýelemek ugrunda netijeli uly iş alyp barýar. Taryh ylymlarynyň doktory bolan ýoldaş Ş.B.Batyrow gymmatly ençeme ylmy eser ýazdy.
Ýoldaş Batyrow Türkmenistan KP MK-nyň çlenligine telim gezek, Türkmenistan SSR-niň I, II, V, we VI çagyrylyş Ýokary Sowetiniň we SSR Soýuzynyň III çagyrylyş Ýokary Sowetiniň deputatlygyna saýlanylýar.
Ýoldaş Ş.B.Batyrow Lenin ordeniniň ikisi bilen, Zähmet Gyzyl Baýdak, watançylyk urşunyň I derejeli, «Hormat nyşany» ordenleri we medallar bilen sylaglanyldy.
Kommunistik partiýanyň wepaly ogly, eserdeň we ýürekdeş ýoldaş Şaja Batyrowiç Batyrowyň röwşen ýadygärligi biziň ýüreklerimizde ebedilik saklanar.

B.F.Buraşnikow, M.Gapurow, P.S.Dolgow, A.Işangulyýew, A.Gylyjow, B.N.Moralýow, B.Öwezow, W.N.Rykow, Ý.Hudaýberdiýew, F.K.Baýguşew, B.Geldiýew, M.Şabasanow, O.Orazmuhammedow, H.Nazarowa, H.Hallyýew, Ç.Ataýew, A.Ýollyýew, N.Annamyradow, Ş.Täşliýew, K.Maşrykow, B.M.Kerbabaýew, A.K.Satylow, H.Garaýew, S.R.Sergiýenko, Ö.Mämmetnyýazow, P.Azymow, I.S.Raboçýew, W.A.Baum.

* * *

*SSSR Ylymlar akademiýasynyň prezidiumy, Soýuz respublikalaryň ylymlar akademiýalarynyň ylmy işlerini utgaşdyrmak baradaky Sowetiniň uly ylmy guramaçysy, görnükli alym, Türkmenistan SSR Ylymlar akademiýasynyň prezidenti*
***Şaja Batyrowiç BATYROWYŇ***
*şu ýylyň 14-nji oktýabrynda Aşgabat şäherinde 58 ýaşynyň içinde tarpa-taýyn aradan çykandygyny çuňňur gynanç bilen habar berýär we merhumyň maşgalasyna gynanç bildirýär.*

- **Ş.B.BATYROWYŇ JAÝLANYLMAGY**

Türkmenistanyň zähmetkeşleri 15-nji oktýabrda Türkmenistan KP MK-nyň çleni, Türkmenistan SSR Ýokary Sowetiniň deputaty, TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň çleni, Türkmenistan SSR Ylymlar akademiýasynyň prezidenti şaja Batyrowiç Batyrowy iň soňky ýoluna ugratdylar.
Türkmenistanda ylmyň ösdürilmegine uly goşant goşan görünkli alym, jemgyýetçilik we döwlet işgäri bilen hoşlaşmak üçin ir sagat 11-den başlap, merhumyň jesedi goýlan Ylymlar akademiýasynyň zalyna müňlerçe zähmetkeşler yzy üzülmän geldiler durdular.
Tabydyň başyndaky hormat garawuly her gezek birnäçe minut geçen badyna çalşyrylýar, ýas mukamynyň owazy ýaňlanýar.
Türkmenistan KP MK-nyň Prezidiumynyň çlenleri B.Öwezow, W.N.Rykow, Ý.Hudaýberdiýew, P.S.Dolgow, B.N.Moralýew, A.Işangulyýew, A.Gylyjow, M.Gapurow, B.F.Buraşnikow, TKP MK-nyň Prezidiumynyň çlenligine kandidatlar F.K.Baýguşew, B.Geldiýew, M.Şabasanow, TSSR Ministrler Sowetiniň başlygynyň orunbasarlary H.Nazarowa we O.Orazmuhammedow, TKP MK-nyň, TSSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň we TSSR Ministrler Sowetiniň we Türkmenistan SSR Ýokary Sowetiniň deputatlary, respublikanyň ministrleri, partiýa, sowet jemgyýetçilik we komsomol guramalarynyň wekilleri, merhumyň jaýlanylmagyny guramak boýunça komissiýanyň çlenleri, Sowet Goşunynyň wekilleri hormat garawulyna durýarlar.
tabydyň başujunda merhumyň kowum-garyndaşlary, ýakyn dostlary otyrlar.
Sagat 17. Täze şäher gonamçylygynda ýas mitingi başlanýar. Mitingi türkmenistan KP MK-nyň, Türkmenistan SSR Ýokary Sowetiniň Prezidiumynyň we TSSR Ministrler Sowetiniň adyndan türkmenistan KP MK-nyň sekretary, merhumy jaýlamagy guramak boýunça komissiýanyň başlygy Ý.Hudaýberdiýew açýar. Ol ýoldaş Ş.B.Batyrowyň geçen durmuş ýoluny häsiýetlendirip, sözüniň ahyrynda şeýle diýýär.
– Şaja Batyrowiç batyrowyň ajaýyp bütin ömri halka, Kommunistik partiýa janaýaman hyzmat etmegiň şanly göreldesidir. Onuň aradan çykmagy respublikanyň ähli zähmetkeşleriniň ýuregini awundyrdy. Kommunistik partiýanyň

wepaly ogly, eserdeň we ýürekdeş ýoldaşymyz bolan Şaja Batyrowiç Batyrowyň röwşen ýadygärligi biziň ýüreklerimizde ebedilik saklanar. Gadyrly dostumyz we ajaýyp ýoldaşymyz, hoş gal!

Ondan soňra SSSR Ylymlar akademiýasynyň Prezidiumynyň adyndan SSSR Ylymlar akademiýasynyň korrespondent çleni M.P.Kim çykyp gepledi. TSSR Ylymlar akademiýasynyň wise-prezidenti S.R.sergiýenko, TSSR Ylymlar akademiýasynyň akademigi B.M.Kerbabaýew, özbegistan SSR Ylymlar akademiýasynyň korrespondent çleni Ý.S.Soltanow, Täjigistan SSR Ylymlar akademiýasynyň akademigi Z.Ş.Rejebow, Gökdepe raýonynyň «Moskwa» kolhozynyň başlygy A.Işangulyýew hem çykyp geplediler.

Olar Şaja Batyrowiç Batyrowyň uly we şanly ömürde ýaşanlygyny, döredijiligiň kyn, emma welin şöhratly ýoluny geçenligi hakynda mähirli gürrüň etdiler.

Ýas mukamynyň owazy ýaňlanýar. Miting gutardy. Sowet Soýuzynyň gimniniň we Türkmenistan SSR-niň gimniniň owazy astynda merhumyň jesedi goýlan tabyt gubura düşürilýär.

(TürkmenTAG).

- **GADYRDAN DOSTUMYZ**

Dilsiz-agyzsyz ýowuz ajal Şaja Batyrowiçi biziň elimizden aldy. Ol aradan çykdy, özi hem edil harby postunda duran soldat dek aradan çykdy. Ol Türkmenistanda ylmy ösdürmegiň perspektiwalary baradaky pikirini TKP MK-nyň plenumynda öz ýoldaşlary bilen paýlaşyp duran mahaly sözüni-de soňlap bilmän gitdi.

Şeýle ajaýyp, beýik, beýik, partiýalaýyn, tutanýerli, pälwan sypatly, päk göwünli adam dünýäden ötdi. Onuň dünýä garaýşynyň giňligi, partiýa hem döwlet işlerinde ýolbaşçylykda toplan tejribesi, iňňän ýiti tejribesi hem aýdyň akyly Türkmenistan SSR Ylymlar akademiýasynyň işiniň ilerilemeginde ylmyň çözülmedik meseleleriniň çözülmeginde uçursyz köp peýda getirdi.

Şaja Batyrowiçiň özne tabşyrylan wezipäni ýerine ýetirmekde

partiýanyň hem halkyň öňündäki jogapkärçilik duýgusy iňňän güýçlüdi. ol öz işdeş ýoldaşlaryny-da şu duýgy bilen terbiýeledi.
Şaja Batyrowiç özüniň ýadawsyzlyk bilen işlän 40 ýyldanam gowrak wagtynyň içinde öz bütin ukybyny, döredijilik hyjuwyny öz halkyna hem Kommunistik partiýa bagyşlady.
Ol bijaý uly hem aýdyň ýoly geçdi. Ol bar talantyny hem güýjüni ykdysadyýetiň, ylmyň hem medeniýetiň ösmegi üçin öz halkyna bagyşlan türkmen ogullarynyň täsin wekilidir. Ol türkmenistanda milli intelligensiýa kadrlarynyň, ylym adamlarynyň ýetişmegine köp güýç sarp etdi.
Kime Şaja Batyrowiç bilen egin-egne berip, ýakyn aragatnaşykda işlemek bagty miýesser eden bolsa, Şaja Batyrowyň röwşen obrazy ömürbaky onuň ýüreginde, aňynda ýaşasa gerek.

S.R.SERGIÝENKO,
TSSR Ylymlar akademiýasynyň wise-prezidenti.

«Edebiýat we sungat» gazeti, 16.10.1965 ý. Taryhda şu gün